# Ilkinjiler däl biz…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ilkinjiler däl biz… ILKINJILER DÄL BIZ…



Biziň ähli zatdan başymyz çykýar,
Hemme zady bilýäs döwen deý şänik.
Kä paýlaşýas özgeleriň gaýgysyn,
Kä kişiň bagtyna bolýarys şärik.
Sähel zada begenýäs biz çaga deý,
Gam çekmegi söýmesek-de, başarýas.
Nämädir garaşyp atyrýas daňy,
Nämädir garaşyp Günii ýaşyrýas.

Egnimizde dünýäň bar aladasy,
Biziň ykbalymyz dünýäň ykbaly.
Biz gudraty agtaramzok, döredýäs,
Gowgaly asyrlar gudratdan doly.

Ilkinjiler däl biz,
Däl biz soňkular,
Bizden soňam sahypalar agdarlar.
Ýük edinip dünýäň aladasyny,
Geler durar,
Gider durar adamlar.

Şiraly NURMYRADOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 05.11.1967 ý. Goşgular